# Garry Niwhiñ şybygy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Garry Niwhiñ şybygy GARRY NIWHIÑ ŞYBYGY

Taýgañ jümmüşinden çekip çyzygy,
Geçen durmuşyndan çekip çyzygy,
Üşän awçyñ boýunlarna çolanyp,
Deñze ýetip, ýene yza dolanyp,
Tüsseleýär garry Niwhiñ şybygy,
Gyssanmaýar garry Niwhiñ şybygy.

Ak dumanly Kurilleri aýlanýar,
Oba-oba, uly illeri aýlanýar.
Çalyp towşan-samyrjygyñ yzyny,
Tapyp inçe damarjygyñ özüni,
Ilki seni oturdýar ol ýanynda,
Soñra soragyña golaýlanynda,
Ýene aýlap halka-halka çyzygy,
Gaçyp gidýär garry Niwhiñ şybygy!..

Asmanyñ häkimi Tylyzna gülüp,
Ummanyñ häkimo Tylyzna gülüp,
Geplemäge goýman,
yz-yzna salyp,
Süýşürip öñüne etli kerseni,
Bir gadym geçmişden çykarýar seni:
…»Çamlon» diýmek niwhçe «Bürgüt aýydyr»,
Awam şondan bürgüt ýalyñ paýydyr,
Soñra gelýän garga aýy – «Karlondyr»,
Awçam galkar, misli laçyn-tarlañdyr,
Bilden asyp towşan-tilkiñ dersini,
Hütdük içre ençe eýläp hersini,
Gelmişek täjire bir pula satar,
Soñra arly tomus balyjak iýip,
Ýene gyş gelinçä bükülip ýatar…

…Şol aldawly zamanlardan söz açyp,
Deprek kakan şamanlardan söz açyp,
Ýene süýnüp,
gaýdyp gelip şu güne,
Meñzäp uzyn sakgalynyñ agyna,
Säginmän, üzäýmän uzyn çyzygy,
Tüsseleýär garry Niwhiñ şybygy!..

Tüsseleýär garry Niwhiñ şybygy, –
Awçy göwün adamlary küýseýär.
Söhbetdeş tapynsa, uzak gün gürläp,
Soñky temmäkiden şybyk ýasaýar.
Soñra gözün aýlap sigaretine,
Sende ýatan gürrüñlere suwsaýar…

Sahalin, 1970 ý. Goşgular